THE ASHGABAT TIMES

# Asif Ali Zardari Päkistanyň Prezidenti wezipesine ikinji möhlete saýlandy

Päkistan Halk partiýasynyň başlygy Asif Ali Zardari gaýtadan Päkistanyň Prezidenti wezipesine saýlandy. Bu barada Yslamabadyň Ýokary Kazyýetiniň başlygy Aamer Faruk habar berdi. Oňa 411 ses, beýleki dalaşgär Mahmud Han Açakzaýa bolsa – 181 ses berildi. Saýlaw toparynyň resmi netijeleri şenbe güni yglan boldy we Zardari 10-njy martda geçirilen dabarada kasam etdi. Zardari eýýäm 2008-nji ýyldan 2013-nji ýyla çenli Prezident wezipesinde işledi.

3-nji martda Pakistanyň Musulman ligasynyň başlygy Şahbaz Şerif ýurduň premýer-ministri wezipesine bellendi. 336 deputatdan 201-si syýasy partiýanyň täze liderine ses berdi.

Все права защищены

save pdf date >>> 26.11.2024